Häzirki wagtda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan parahatçylygyň, ylalaşygyň we halklaryň arasyndaky dostlugyň hakyky merkezine öwrüldi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy sebitde halkara hyzmatdaşlygynyň we goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ösmegine itergi berdi. Ýurdumyz gysga wagtda halkara arenasynda özboluşly daşary syýasatyny amala aşyrýan döwlet hökmünde özüni tanatdy.

Türkmenistan beýleki döwletler bilen dosluk, birek-biregi hormatlamak, birek-birege ynam etmek, özara ýardam bermek esasynda özara gatnaşygyny ösdürýär we köp ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk, söwda-ykdysady gatnaşyklary saklaýar.

Halkymyz taryhyň dürli döwürlerinde-de asuda ýaşamagy, goňşy döwletler bilen parahatçylykly gatnaşyklary alyp barmagyň tarapdary bolupdyr. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýäniň köp döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy hem-de döwletimiziň halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň agzasy bolmagy guwandyryjy ýagdaýdyr. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda alynyp barylýan Türkmenistanyň daşary syýasaty bu gün ösüş depgini, häzirki zamanyň hemmetaraplaýyn meselelerini çözmäge jogapkärli we täzeçil çemeleşmeleri, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygyň täze ugur-ýollaryny gözleýändigi bilen tapawutlanýar.

Şuňa laýyklykda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ak mermerli paýtagtymyzda geçirilýän «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahat geçirildi. Bu maslahat Merkezi we Günorta Aziýa sebitinde ykdysady durnuklylygy üpjün etmekde, energetika, ulag, üpjünçilik ulgamlarynyň taslamalaryny netijeli durmuşa geçirmekde, degişli ugurlarda maýa goýum mümkinçiliklerini artdyrmakda uly ähmiýete eýe boldy.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň BMG-niň parahatçylygyň we durnuklylygyň strategik düzgünlerine doly gabat gelmegi özara bähbitli gatnaşyklaryň ösdürilmegine isleg bildirýän hyzmatdaş döwletleriň sanynyň artmagyny şertlendirýär. Halkara bileleşigi ýurdumyzyň öňe sürýän özara düşünişmek we ynanyşmak, deňhukuklylyk we netijeli hyzmatdaşlyk boýunça syýasy-diplomatik ýörelgelere ygrarlydygyna uly sarpa goýýar. Çünki ýurdumyzda alyp barylýan içeri we daşary syýasat diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, dünýä döwletleriniň ilatynyň abadan we parahat durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Ýurdumyzy bedew bady bilen ösüşiň täze belentliklerine tarap alyp barýan, halkyny şeýle toýly günlerde ýaşadýan watanymyzyň geljegi üçin gije-gündiz alada edýän Gahryman

Все права защищены

Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, tutýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin.

**Alina SAIDOWA**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены